ISSN 3079-9449 (Onlaýn)

FILOLOGIÝANYŇ MESELELERI

1/2026

ESASLANDYRYJYSY – DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

ISSUES OF PHILOLOGY

ВОПРОСЫ ФИЛОЛОГИИ

MAZMUNY
CONTENTS
СОДЕРЖАНИЕ

BEÝIK MAKSATLY WATAN – BEDEW BATLY ÖSÜŞLERIŇ MEKANY

GREAT GOAL-ORIENTED MOTHERLAND – THE LAND OF HORSE-PACED DEVELOPMENTS

ОТЧИЗНА ВЕЛИКИХ ЦЕЛЕЙ – КРАЙ СТРЕМИТЕЛЬНОГО РАЗВИТИЯ

TM

Çaryýew Maksat Begençewiç, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty

ENG

Charyyev Maksat Begenchevich, Rector of Dovletmammet Azadi Turkmen National Institute of World Languages, Candidate of Pedagogics

RU

Чарыев Максат Бегенчевич, ректор Туркменского национального института мировых языков имени Довлеттаммета Азади, кандидат педагогических наук

Annotasiýa

Makala Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmeginiň ähmiýetine bagyşlanýar. Awtor täze ýylyň şygarynyň mazmunynda türkmen halkynyň taryhy gymmatlyklarynyň, döwlet berkararlygynyň sütünleri bolan Garaşsyzlygyň we Bitaraplygyň, şeýle hem milli buýsanjymyz bolan ahalteke bedewleriniň eýeleýän ornuny giňişleýin seljerýär.

Annotation

The article is devoted to the significance of declaring 2026 as the year of "Independent, Permanently Neutral Turkmenistan – the Homeland of the Purposeful Winged Horses", in accordance with the Resolution of the Mejlis of Turkmenistan. Within the context of the new year's motto, the author provides a detailed analysis of the historical values of the Turkmen people, the role of Independence and Neutrality as the pillars of the state sovereignty, as well as the significance of the Akhal-teke horses, which are our national pride.

Аннотация

В статье раскрывается глубокий смысл девиза 2026 года «Независимый нейтральный Туркменистан – родина целеустремлённых крылатых скакунов», утвержденного Постановлением Меджлиса Туркменистана. Автор проводит анализ девиза нового года, раскрывая значимость исторических ценностей туркменского народа, фундаментальных основ государственности – Независимости и Нейтралитета, а также роль ахалтекинских скакунов как символа национальной гордости.

Açar sözleri: Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, ahalteke bedewi, milli miras, bedew batly ösüş, ykdysady özgeriş.

Key words: Independence, Neutrality, the Akhal-teke horse, national heritage, rapid development, economic transformation.

Ключевые слова: Независимость, Нейтралитет, ахалтекинский скакун, национальное наследие, стремительное развитие, экономическое преобразование.

Demokratiýanyň we parahatçylygyň mekany bolan eziz Diýarymyzda her ýylyň döwrebap şygar bilen atlandyrylmagy Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde asylly däbe öwrülen ajaýyp aýratynlyklaryň biridir. Her ýyl eziz Diýarymyzyň taryhy tutumlary, halkymyzyň belent maksatlary hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän içeri hem daşary syýasaty bilen şöhratlanýar. Türkmenistany hemmetaraplaýyn ösdürmegiň giň möçberli maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzda durnukly ösüşiň binýady pugtalandyrylýar. Älemi haýrana goýýan özgerişleriň, ösüşleriň şöhratly eýýamynda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzda gazanylýan ösüşleriň depginini diňe bedew badyna deňäp bolar. Ýelden ýyndam ahalteke bedewleri eziz Diýarymyzyň belentliklere ymtylyşyny şöhlelendirýär. Ahalteke bedewleri türkmenleriň taryhynyň, milli dünýägaraýşynyň we mentalitetiniň aýrylmaz bölegidir. Şu nukdaýnazardan alanyňda halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde gazanylýan üstünlikleri, beýik ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan berkarar Watanymyzyň dünýäni haýran galdyryjy galkynyşlaryny hem-de ähli ugurlarda gazanylýan zähmet ýeňişlerini dabaralandyrmak, eziz Diýarymyzyň halkara abraýyny artdyrmak, ýaş nesli ata Watanymyza, milli mirasymyza buýsanç, söýgi we hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramyny mynasyp garşylamak, taryhy özgertmeleriň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy bütin adamzadyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatlygy bolan ahalteke bedewleriniň şöhratyny has-da artdyrýar.

Eziz Diýarymyzda her ýylymyzyň mynasyp atlandyrylmagy, mili ösüşiň täze tapgyrynda esasy ugurlary kesgitlemek bilen bir hatarda, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkara gatnaşyklary hem-de hyzmatdaşlygy ösdürmekde, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmekde amala aşyrýan beýik başlangyçlarynyň we oňyn özgertmeleriniň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. 2026-njy ýylyň şygary ýurdumyzyň halkara abraýyny artdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn ösüş maksatnamasyny özünde jemleýär. Bu maksatnama halkara ýörelgelere ygrarlylygy, şol bir wagtyň özünde ählumumy ösüşe we tehnologik täzeliklere açyklygy alamatlandyrýar. Ýylyň şygarynda halkymyzyň öz taryhy köklerine ygrarlydygy aýdyň ýüze çykmak bilen bir hatarda häzirki bedew batly ösüşler döwrüniň anyk hakykaty hem öz beýanyny tapýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly ajaýyp eserinde: «Biziň goşa buýsanjymyza – Garaşsyzlyk we Bitaraplyk düşünjelerine, mähriban Watanymyzyň ägirt uly üstünliklerine hem-de beýik ýeňişlerine bolan çäksiz söýginiň ýüregimizden hem ruhumyzdan joşup çykýan duýgulardygyny bellemek möhümdir. Bular bizi agzybirlik suprasynyň daşyna mäkäm birleşdirýän we has-da jebisleşdirýän düşünjelerdir» [1, 158 s.] diýip nygtaýar. Eziz Diýarymyzyň döwlet berkararlygynyň goşa ganatyna öwrülen bu iki gymmatlyk – Garaşsyzlyk we hemişelik Bitaraplyk 2026-njy ýylyň şygarynyň esasyny düzýär.

Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň aýdyň maksatly, giň göwrümli başlangyçlary netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetinde, bilim ulgamynda we beýleki ulgamlarynda ägirt uly özgerişler durmuşa geçirilýär. 2026-njy ýylyň şygary Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň şöhratly ösüşlerini şöhlelendirip, halkymyzyň at-abraýyny has-da ýokarlandyrýar. Halkymyzyň milli baýlygymyz bolan ahalteke bedewlerine bolan buýsanjyny goşalandyrýar. Şeýlelikde, türkmen halky öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny, beýik ösüşlerini ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli buýsanjymyz bolan ahalteke bedewleriniň Ýer ýüzündäki şöhratynyň artmagy hem-de atşynaslygyň gadymdan gelýän milli däpleriniň aýawly saklanmagy üçin amala aşyrýan işleri netijesinde atçylyk sungaty döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly parasatly eserinde türkmen bedewiniň bütin dünýäniň medeni mirasydygyny we onuň eziz Watanymyzyň döredijiligiň, ösüşiň täze belentliklerine okgunlylygynyň ajaýyp beýanyna, halkymyzyň döredijilik zehininiň aýdyň nyşanyna öwrülendigini, ata-babalarymyzyň amala aşan arzuwynyň wysalydygyny aýratyn belleýär. Milli Liderimiziň bütin dünýäde «asman atlary», «behişdi bedewler» diýlip buýsanç bilen baha berilýän ahalteke bedewlerine bagyşlap döreden «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» [2], «Gadamy batly bedew» [4], «Atda wepa-da bar, sapa-da» [3] atly eserleri boýunça bedewleriň taryhyny yzarlanyňda, türkmen halkynyň ykbalynyň at bilen aýrylmaz baglanyşyklydygynyň şaýady bolýarsyň. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabyndaky: «Türkmenler öz bedew atlaryny timarlap, kämilleşdirip, ony maşgalanyň deňhukukly agzasy, söweşiji gardaşy hasaplap, şol bedew atda durmuş – taýpa dagynyklygyny birleşdiriji halkany görüpdirler. Olar ata tutuş durky bilen uýup, onda bir bitewi durmuşy hasyl etmegiň serişdesini görüp, gaýduwsyzlyk, mertlik we watançylyk ýaly durnukly häsiýetleri özlerinde-de, meşhur «behişdi bedew» hasaplanýan bedew atda-da kemala getirdiler. Taryhyň öwrüm-öwrüm ýollarynda şol häsiýetleri bu ak ýürekli, buýsançly we ýeňilmezek halka, onuň ynsanpisint dal bedewine şan-şöhrat getirdi» [2, 58 s.] diýen sözleri atyň türkmen maşgalasynda tutýan ornunyň örän ýokarydygyny görkezýär. Şeýlelikde, döwlet tugrasynyň bezegine, asyrlaryň dowamynda özüne mahsus gözelligi, ýyndamlygy, akyllylygy we wepadarlygy bilen milli buýsanjymyza öwrülen ahalteke bedewleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýik üstünliklere beslenjek 2026-njy ýylyň şygarynda hem-de nyşanynda orun aldy.

Bedew türkmeniň uçar ganatydyr. Ýurdumyzyň atşynaslarynyň ýyndam bedewleri ýetişdirmek boýunça asylly işlerine bütin dünýäde mynasyp baha berilýär. Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleriniň türkmen sungatynyň naýbaşy görnüşleriniň biri hökmünde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi milli hem-de dünýä medeniýetiniň gudraty hasaplanýan ahalteke bedewleriniň at-abraýyny has-da belende göterdi. Berkarar döwletimiziň çar künjeginde gurlup ulanylmaga berlen döwrebap desgalaryň arasynda häzirki zaman atçylyk sport toplumlarynyň bolmagy, Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen gojaman Köpetdagyň eteginde

bina edilen Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň döredilmegi we onda häzirki zaman atşynaslarynyň ýetişdirilmegi örän guwandyryjydyr. Şeýle döwrebap toplumlar ata Watanymyzda diňe atşynaslygy ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolman, eýsem, atçylyk sportunyň ösmegine-de, ýaş nesle berilýän milli terbiýäniň kämilleşmegine-de oňyn täsirini ýetirýär. At üstündäki milli oýunlar, olaryň hünär hökmünde dowam etdirilişi we kämilleşdirilişi bilen bagly alnyp barylýan işleriň ýurdumyzda giň gerime eýe bolýandygyna, türkmen bedewleriniň owadanlygynyň, ýyndamlygynyň dünýäni haýrana goýýandygyna «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň meşhurlygy aýdyň şaýatlyk edýär.

2026-njy ýylyň şygarynda diňe bir halkymyzyň öz taryhy köklerine ygrarlylygy däl-de, eýsem, häzirki döwrüň aýdyň hakykaty hem öz beýanyny tapýar. Bedewler medeni mirasymyzyň türkmen halky tarapyndan köp asyrlaryň dowamynda ösdürilip ýetişdirilen we kämilleşdirilen ajaýyp nusgasydyr. Şoňa baglylykda, bedew aty beýik maksat-myradyna deňeýän halkymyzyň päk arzuw-umytlarynyň hasyl boljak ýylynyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy onuň ençeme asyrlyk taryhynda hem-de ösüş ýolunda milletimiziň ynamdar we ygtybarly ýoldaşy bolan bedew atyna bolan buýsanjyny has-da artdyrdy.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edildi. Oňyn Bitaraplyk syýasaty ähli adamzadyň bähbidine gönükdirilen gymmatlykdyr. Türkmen Bitaraplygynyň binýatlyk häsiýetleri parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerinden gözbaş alýar. Şonuň üçin hem «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly beýik taglymaty has-da rowaçlanýar. Ýurdumyz bu beýik taglymaty dünýäde wagyz etmek bilen bir hatarda umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürýär. Dünýäde parahatçylygy berkitmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugrudyr. Bu eziz Diýarymyzyň baky Bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň bedew batly ösüşleriň belentligine tarap ynamly gadam urýan berkarar Watanymyzyň dünýäni haýran galdyryjy galkynyşlaryny hem-de ähli ugurlarda gazanýan beýik ýeňişlerini dabaralandyrýan işlerini mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri mundan beýläk-de üstünliklere we rowaçlyklara beslensin!

Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 9-njy ýanwary.

Edebiýat

1. Berdimuhamedow S. Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2025. – 560 s.

2. Berdimuhamedow G. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – A.: Türkmendöwlethabarlary, 2008. – 232 s.

3. Berdimuhamedow G. Atda wepa-da bar, sapa-da. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019. – 312 s.

4. Berdimuhamedow G. Gadamy batly bedew. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016. – 288 s.

LUKMANÇYLYK EPONIMIK ADALGALARYŇ TERJIMESINDE LEKSIK ÖZGERTME USULLARYNYŇ ULANYLYŞY

USE OF LEXICAL TRANSFORMATION METHODS IN TRANSLATING MEDICAL EPONYMOUS TERMS

ИСПОЛЬЗОВАНИЕ СПОСОБОВ ЛЕКСИЧЕСКОЙ ТРАНСФОРМАЦИИ ПРИ ПЕРЕВОДЕ МЕДИЦИНСКИХ ЭПОНИМИЧЕСКИХ ТЕРМИНОВ

TM

Hydyrow Saparmyrat Ataýewiç, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Rus diliniň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty

Hommadowa Gülnäzik Saparmyradowna, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy

ENG

Hydyrov Saparmyrat Atayevich, head of the Department of Theory and Practice of the Russian Language of Dovletmammet Azadi Turkmen National Institute of World Languages, Candidate of Philology

Khommadova Gulnyazik Saparmyradovna, lecturer of Myrat Garryyev State Medical University of Turkmenistan

RU

Хыдыров Сапармурад Атаевич, заведующий кафедрой теории и практики русского языка Туркменского национального института мировых языков имени Довлетмаммета Азади, кандидат филологических наук

Хоммадова Гульнязик Сапармурадовна, преподаватель государственного медицинского университета Туркменистана имени Мырата Гаррыева

Annotasiýa

Makalada lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde özgertme usullarynyň ulanylyşynyň aýratynlyklary derňelýär. Häzirki zaman ylmy we amaly lukmançylygynda işjeň ulanylýan adalgalaryň köp sanlysynyň iňlis dilinden türkmen diline terjimesi seljerilýär. Leksik özgertmeleriň

Annotation

This article examines the specific features of using transformation methods in the translation of medical eponymous terms. The study analyzes the translation from English into Turkmen of a great number of terms actively used in contemporary scientific and practical medicine. The application of the different types of the lexical transforma-

Аннотация

В статье рассматривается специфика использования лексических трансформаций при переводе медицинских эпонимических терминов с английского языка на туркменский. На базе обширного фактического материала, обладающего высокой функциональной значимостью для современной медицины, анализируются механизмы

dürli görnüşleriniň, şeýle hem olaryň transkripsiýa we transliterasiýa bilen utgaşykly, toplumlaýyn ulanylyşy mysallar arkaly delillendirilýär. Garalýan adalgalaryň iňlisçe-türkmençe sözlüginiň ýokdugy sebäpli esasy maglumat çeşmesi hökmünde rus alymlarynyň taýýarlan «Eponimik adalgalaryň iňlisçe-rusça lukmançylyk sözlüginden» peýdalanylmagy derňewiň dowamynda rus diliniň araçy dil wezipesini ýerine ýetirmegini şertlendirýär. Derňewiň netijesinde lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde leksik özgertme usullarynyň ulanylyşy bilen baglanyşykly umumylaşdyrylan we esasly teklipler beýan edilýär.

tions, as well as their combined and complex use alongside transcription and transliteration, is substantiated through examples. Due to the absence of an English-Turkmen dictionary of the terms under consideration, the use of "The English-Russian Medical Dictionary of Eponymous Terms" compiled by the Russian scholars as the main source of information rendered the Russian language a mediating language in the research process. As a result of the research, generalized and well-substantiated recommendations related to the use of the lexical transformation methods in translating medical eponymous terms are described.

адаптации терминологического корпуса. Авторы аргументируют необходимость как отдельных лексических трансформаций, так и их комплексного сочетания с методами транскрипции и транслитерации. Особое внимание уделено роли русского языка как языка-посредника: использование материалов «Англо-русского медицинского словаря эпонимических терминов», подготовленного российскими учеными, обусловлено отсутствием англо-туркменских лексикографических источников в данной области. По результатам исследования сформулированы обоснованные рекомендации по выбору способов трансформации медицинских эпонимических терминов при переводе.

Açar sözleri: lukmançylyk eponimik adalgalar, özgertme, kalkalaşdyrma, anyklama, umumylaşdyrma, sözüň goşulmagy, sözüň aýrylmagy, sözüň çalşylmagy.

Key words: medical eponymous terms, transformation, calque, concretization, generalization, addition, omission, substitution.

Ключевые слова: медицинские эпонимические термины, трансформация, калькирование, конкретизация, генерализация, добавление, опущение, замена.

Terjimede ekwiwalentliligi gazanmak üçin anyk terjimeçilik usullaryny we tärlerini (dilara özgertmeleri) ulanmak arkaly dürli amallary ýerine ýetirmek zerurlygy ýüze çykýar. Özgertmeleri ulanmagyň sebäpleri we zerurlygy «dilleriň sözleriniň leksik manylaryndaky, dil we sözleýiş normalaryndaky tapawutlar» [3, 128 s.] bilen şertlendirilendir.

W. N. Komissarowyň pikirine görä, «asyl nusganyň birliklerinden görkezilen manysynda terjimäniň birliklerine geçilmegini amala aşyrmaga ýardam edýän özgertmelere terjimeçilik (dilara) özgertmeleri diýilýär» [5, 172 s.]. Dil birlikleriniň aňladylýan we aňladýan taraplary bolýandygy sebäpli özgertmeler asyl nusganyň birliklerиniň şekilini-de, manysyny-da özgerdiji häsiýete eýe bolýarlar. Özgertme usulynyň aýratynlyklaryny has giňişleýin beýan edip, L. L. Nelýubin «Düşündirişli terjimeçilik sözlüginde» oňa alty sany kesgitleme berýär [7, 230 s.]. Alymlaryň käbiri özgertmeleriň ulanylyşda takyk tapawutlandyrylmagynyň kyndygyny olaryň şertleýin häsiýeti bilen düşündirýär: «Özgertme, transformasiýa we beýleki adalgalaryň dil hadysalaryny häzirki zaman ýagdaýynda, şol

sanda dilara hadysalary, hususan-da terjimede ýüze çykýan hadysalary beýan etmekde ulanylmagy şertleýin häsiýetlidir» [4, 360 s.]. Şunuň bilen birlikde, N. K. Garbowskiniň bellemegine görä, özgertmelere has giň manysynda düşünilmeginiň zerurdygy, olary terjimede barabar bermek maksady bilen mazmun gurşawynyň aýratyn ähmiýetine üns berilmelidigi soňky döwürde delillendirilip beýan edilýär [4, 365-366 s.].

Özgertmeleriň görnüşlerini derňemekde terjime nazaryýetinde giňden tanalýan alymlar I. S. Alekseýewanyň, L. S. Barhudarowyň, N. K. Garbowskiniň, W. N. Komissarowyň, L. L. Nelýubiniň, A. D. Şweýseriň [1; 2; 4; 6; 7; 9] düýpli ylmy işlerinde beýan edilen taglymatlara, şeýle hem L. H. Bowmanyň, A. N. Çoiniň, E. Fişeriň, S. M. Kaufmanyň, M. H. Rozeniň, P. F. Smitiň, W. G. Wardyň [10; 11; 12] we beýlekileriň ylmy makalalarynda öňe sürlen garaýyşlara esaslanyp bolar.

Ylmy edebiýatda leksik özgertmeleriň transkripsiýa we transliterasiýa, kalkalaşdyrma, sözleriň leksika-semantik taýdan çalşylmagy (anyklama – konkretizasiýa, umumylaşdyrma – generalizasiýa, modulýasiýa ýa-da many we mazmun taýdan ösdürmek) ýaly görnüşleri agzalýar [6, 172–173 s.; 1, 158 s.; 7, 96 s.]. Lukmançylyk eponimik adalgalaryň aýratynlyklaryna baglylykda bu usullaryň diňe käbiriniň önümli häsiýete eýedigini nygtamak gerek.

Leksik özgertme usullarynyň leksik birlikleriň kalkalaşdyrylmagy, goşulmagy, aýrylmagy we çalşylmagy ýaly görnüşleri lukmançylyk eponimik adalgalaryň iňlis-türkmen terjimesinde işjeň ulanylyp bilner. Leksik özgertmeleriň görnüşleriniň şertleýin tapawutlandyrylýandygyny bellemek bilen, L. S. Barhudarow olaryň terjimeçilik «iş tejribesinde aýratynlykda ulanylmagynyň seýrek duş gelýändigini, adatça biri-biri bilen utgaşyp, toplumlaýyn özgertme häsiýetli bolýandygyny» [2, 190 s.] nygtaýar. Geçirilen barlaglaryň dowamynda iňlis diliniň lukmançylyk eponimik adalgalary türkmen dilinde berlende leksik özgertmeleriň köplenç beýleki usullar, hususan-da transkripsiýa we transliterasiýa usullary bilen utgaşykly ulanylýandygy anyklandy.

Leksik kalkalaşdyrmanyň «sözleriň ýa-da söz düzümleriniň sözme-söz terjime edilip alynmagy» [7, 73 s.] arkaly ýüze çykýandygy sebäpli iňlis diliniň lukmançylyk eponimik adalgalaryndaky leksik birlikler türkmen dilinde degişli ekwiwalentler bilen çalşylýar. Şunuň bilen birlikde kalkalaşdyrylýan düzüm böleklériniň tertibi üýtgedilip bilner. Köplenç ýagdaýda kalkalaşdyrma usuly transkripsiýa bilen utgaşykly ulanylýar. Bu usul lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzümindäki jyns atdan bolan adalganyň terjimesinde ulanylýar, sebäbi ondaky has at ýa transkripsiýa, ýa-da transliterasiýa arkaly berilýär: *Abrazhanov's point – Abražanowyň nokady, Ammon's horn – Ammonyň şahy, Bennett's fracture – Bennetiň döwügi, Kupffer's cells – Kupferiň öýjükleri, Ambu's bag – Ambunyň haltasy.* Lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzüminde jyns atdan bolan birnäçe adalga bar bolsa, olaryň biriniň leksik kalkalaşdyrma usulynda berilmegini kada hökmünde belläp bolar: *Brock's closed infundibulectomy – Brokuň ýapyk infundibulektomiýasy, Autandilov morphometric network – Awtandilowyň morfometrik tory, Brocg's congenital ichthyosiform erythroderma – Brokuň dogabitdi ihtioziform eritrodermiýasy.* Mysallardan görnüşi ýaly, söz

düzümi görnüşindäki lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzümindäki sözleriň tertibi türkmen dilinde üýtgedilip, olar degişli düşüm we degişlilik goşulmalaryny kabul edýär.

Lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde leksik kalkalaşdyrma söz çalşylmagy, grammatik özgertme bilen utgaşykly ulanylyp bilner. Iňlis diliniň *Key's bone graft – Keýiň süňk plastikasy* adalgasynyň düzümindäki aýyklaýjy hyzmaty ýerine ýetirýän *bone* sözi jyns at bilen kalkalaşdyrylýar. Lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzümindäki *graft* adalgasy terjimede *plastika* sözi bilen çalşyrylyp berilýär. Başga bir mysalda aýyklaýjy hyzmaty ýerine ýetirýän *bone* sözi aýyklaýan *forceps* sözi bilen bilelikde jyns atlar arkaly kalkalaşdyrylýar: *Boychev's bone forceps – Boýçewiň süňk saklaýjysy*. Bu ýagdaýda köplük san şekilindäki aýyklanýan söz grammatik özgertme usulynda birlik san şekilinde berilýär we ol degişlilik goşulmasyny kabul edýär. *Bonnet's small eyes – Bonneniň gözjagazlary* adalgasynda iňlis diliniň kiçeltme manysyny aňladýan özbaşdak manyly *small* sözi leksika-grammatik özgertme arkaly *-jagaz* affiksi bilen berilýär, köplük san şekilindäki *eyes* sözi bolsa kalkalaşdyrylyp, türkmen diline hem şol san şekilinde terjime edilýär.

Sözüň aýrylmagy usuly, umuman, tekstiň çäginde ulanylýar, ýöne ol lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde hem önümli bolup biler. Lukmançylyk eponimik adalgalar iňlis dilinden türkmen diline geçirilende olaryň düzümindäki iki we ondan köp jyns adyň ýerine diňe bir sözüň alynýan ýagdaýlary gabat gelýär, mysal üçin: *Bacgaus' towel clips – Bakgauzyň gysaçlary*. Bu adalganyň düzümindäki iňlis diliniň *towel* sözi *süpürgiç (polotense)* manysyny aňladýan bolsa, köplük san şekilindäki *clips* sözi *gysaçlar* manysyndadyr. Diýmek, birinji söz terjimede adalganyň düzüminden aýrylypdyr. Terjimede lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzümindäki jyns atdan bolan adalganyň aýrylmagyny onuň ýörite hünär gurşawynda giňden bellidigi hem-de düşünjäni aňlatmak üçin leksik serişdeleri tygşytlamaga ýykgyn edilýändigi bilen düşündirip bolar. Bu kadany şu deliller arkaly tassyklap bolýar: *Duran-Reynals' permeability factor* adalgasyndaky kliniki anyklaýjy manyny aňladýan *permeability (geçirijilik, syzdyryjylyk, syzyp geçmek)* adalgasy terjimede aýrylýar – *Dýuranyň-Reýnalsyň faktory*. Bu kada laýyklykda iňlis dilinde lukmançylyk eponimik adalgalaryň manysyny goşmaça anyklaýjy söz düzümi hem terjimede aýrylyp bilner, mysal üçin: *Assmann's focus (tuberculous infiltrate) – Asmannyň ojagy*. Görnüşi ýaly, *tuberculous infiltrate – inçekesel infiltraty* söz düzümi terjimede ulanylmandyr.

Lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde adatça leksik birlikleriň çalşylmagy ýüze çykyp biler. Grammatik birlikler – söz şekilleri, söz toparyna degişlilik, sözlem agzalary, sintaktik baglanyşygyň görnüşleri bilen bir hatarda leksik birlikleriň terjimede çalşyrylyp ulanylýandygy ygtybarly ylmy çeşmelerde hem bellenip geçilýär [2, 197 s.].

Garalýan adalgalaryň terjimesinde leksik birliginiň çalşylmagy usuly önümli ulanylýar. Bu usul arkaly adatça jyns atdan bolan adalga manydaş söz bilen çalşylýar. Iňlis dilinde *çiş* manysyny aňladýan *tumor* adalgasy türkmen diline terjimede *täze döreme* adalgasy bilen çalşylyp bilner. Mundan başga-da, bu adalga kähalatda anyk ýagdaýa baglylykda *blastoma, neoplazma* we beýleki adalgalary aňlatmakda ulanylýar. Şu sebäpden degişli adalganyň ulanylmagy her anyk ýagdaýda aýratyn bellenmelidir: *Abrikosov's tu-*

mor – Abrikosowyň täze döremesi, Poncet's tumor – Ponseniň täze döremesi, Wilms' tumor / nephroblastoma – Wilmsiň çişi / nefroblastoma. Leksik birligiň çalşylmagy grammatik şekiliň hem çalşylmagy bilen utgaşykly ulanylyp bilner. Iňlis diliniň *anomaly – anomaliýa* ýa-da *kadadan çykma* manysyny aňladýan birlik san şekilindäki adalgasy çalşylyp, türkmen dilinde köplük san şekilindäki *bedenjikler* sözi bilen berilýär, mysal üçin, *Alder's anomaly – Alderiň bedenjikleri.* Iňlis dilinde peşewiň düzüminde belogyň ýokary derejesini aňladýan *albuminuria* adalgasy türkmen diline terjimede *simptom* adalgasy bilen çalşylyp bilner: *Bamberger's albuminuria – Bambergeriň simptomy.* Bu mysaldan görnüşi ýaly, anyk düşünjäniň umumy düşünje bilen berilmegi sözüň çalşylmagyna sebäp bolupdyr. Lukmançylyk eponimik adalgalarda manysyny anyk görkezmek üçin jyns at bilen aňladylan adalga çalşylyp bilner. Iňlis dilinde *distance* sözi lukmançylyk ulgamynda hem *aralyk* manysyny aňladýar. Muňa garamazdan, *Litzmann's distansia* adalgasynyň türkmen diline terjimesinde ol çalşylýar we *Litsmannyň ölçegi* görnüşinde berilýär. Iňlis dilinde lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzümindäki bir lukmançylyk adalgasynyň türkmen diline terjimede bu pudakda ulanylýan beýleki adalga bilen çalşylmagy ýüze çykyp biler. Muňa mysal hökmünde *Litzmann's obliquity* adalgasynyň terjimede berlişine garap geçeliň. Türkmen dilinde adalga *Litsmannyň asinklitizmi* görnüşinde berilýär. Iňlis dilinde lukmançylyk jähetden *obliquity* sözi *organyň, gurluşyň ýa-da tekizliginiň gös-göni ýa-da kadaly okundan gapdala süýşmegi, gytak ýerleşmegi* manysyny aňladýar. *Asinklitizm* lukmançylyk adalgasy hökmünde *çaga dogurmada düwünçegiň enäniň çanaklygyna nädogry gönükdirilmegi* manysyny aňladýar. Bu ýagdaýda belli bir derejede umumy manyny aňladýan sözüň anyk düşünjäni aňladýan söz bilen çalşylmagy bolup geçýär. Iki dilde-de lukmançylyk nazaryýetinde we amalyýetinde adalga at beren alymyň adyny ulanmagyň zerurlygy ýok hasap edilýän halatlarynda ýa-da manydaş adalgany ulanmak ýörgünli bolanda kliniki hem-de beýleki lukmançylyk düşünjesini aňlatmak üçin giňden belli şeýle adalga bilen lukmançylyk eponimik adalga çalşylýar, mysal üçin: *Bright's disease – nefrit, Hansen's disease – pis keseli, Eustachian'd tube – eşidiş turbasy, Pott's disease – oňurga inçekeseli.* Iňlis dilinde ulanylýan bir lukmançylyk eponimik adalga türkmen diline terjimede beýleki manydaş lukmançylyk eponimik adalgalaryň birnäçesi bilen çalşylyp bilner, mysal üçin, iňlis dilinde ulanylýan *Graves' disease – Greýwisiň keseli* adalgasyny terjimede onuň bilen manydaş *Basedowyň keseli, Parriniň keseli, Flaýaniniň keseli* adalgalary bilen çalşyp bolýandygy degişli sözlükde görkezilýär [8, 164 s.]. Bu ýagdaý ol ýa-da beýleki ýurduň lukmançylygynda adalgalary ulanmakda emele gelen däp bilen düşündirilýär.

Iňlis dilinde has atdan bolmadyk adalganyň türkmen dilinde jyns ada öwrülip giden has atly lukmançylyk eponimik adalgalar bilen berilmegi hem duş gelýär. Iňlis dilinde *X-ray* lukmançylyk adalgasy ulanylýar. Ol eponimik adalga däl-de, şöhlelendirmegiň näbelli görnüşini aňladýan *X-radiation* sözüniň gysgaldylan görnüşidir. Türkmen dilinde bu adalga has atdan ýasalyp, jyns ada öwrülip giden *rentgen* adalgasy bilen çalşylýar we *rentgen barlagy, rentgen şekili* ýaly söz düzümlerinde ýygy-ýygydan ulanylýar. Iňlis dilinde 1895-nji ýylda şöhlelendirmäniň bu görnüşini açan nemes alymy Wilgelm Rentge-

niň adalga hökmünde goýan ady saklanyp galypdyr, türkmen dilinde bolsa onuň öz ady adalga hökmünde dolanyşyga giripdir.

Leksik özgertmeleriň umumy lukmançylyk düşünjesini aňladýan adalganyň hususy manyly adalga bilen çalşylmagy, jyns atdan bolan adalganyň terjimede söz ýa-da söz düzümi goşulmagy arkaly anyklama usuly lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde giňden ulanylýar. Ilki bilen umumy düşünjäni aňladýan sözüň lukmançylyk düşünjesini aňladýan dar manyly adalga bilen berilmegine üns bermek gerek. Iňlis diliniň *Civinini's process* adalgasynyň düzümindäki jyns atdan ýasalan, hatda lukmançylyk ulgamynda-da giň manyda ulanylýan *process* adalgasynyň biologik jähetden aňladýan *ösüntgi* manysy türkmen diline terjimede anyklama usulynyň ulanylmagynda berilýär: *Çiwinininiň ösüntgisi.*

Lukmançylyk eponimik adalgalaryň belli bir toparynyň terjimesinde adalganyň düzümine asyl nusgada bolmadyk sözüň goşulmagy arkaly onuň manysy anyklanýar. Iňlis diliniň *Dubreuilh's diffuse elastoma* adalgasy terjime edilende *deri* sözi goşulýar: *Dýubreýiň deriniň diffuz elastomasy. Achilles tendon* adalgasynda iňlis diliniň *damar, siňir* manylaryny aňladýan *tendon* sözüniň öňünden terjimede aýyklaýjy söz goşulýar we düşünje anyklaşdyrylýar: *Ahillesiň daban siňri.* Edil şu usulda *Adler's psyhotherapy* adalgasyna terjimede *ulgam* sözi goşulyp, onuň manysy anyk görkezilýär: *Adleriň psihoterapiýa ulgamy.* Adalganyň manysynyň belli bir çäkli düşünjäni aňlatmagyny terjimede söz goşmak arkaly berip bolýandygyna *Crohn's disease – Kronyň içege keseli, Ano's cirrhosis – Anonyň bagyr sirrozy, Paget's disease – Pejetiň süňk keseli, Bekhterev's epilepsy – Behterewiň horeik epilepsiýasy* we beýleki köp sanly mysallar hem şaýatlyk edýär.

Bu usul lukmançylyk eponimik adalgalaryň many öwüşginini anyklamakda hem netijelidir. Iňlis diliniň *Behr's macular degeneration* adalgasy türkmen dilinde *Beriň sary tegmilli degenerasiýasy* görnüşinde berilýär. Adalganyň düzümindäki *macular* sözi *tegmilli, sary reňke degişli makulýar* manysynda ulanylýar. Adalganyň türkmen dilinde aýyklaýjy hyzmatyny ýerine ýetirýän iki sözden ybarat *sary tegmilli* söz düzümi arkaly berilmeginde oňa mahsus many öwüşgin anyklanýar. Adalganyň manysyny has içgin anyklamak maksady bilen terjimede ol birnäçe sözüň goşulmagynda berlip bilner: *Bekhterev's thumb sign – Behterewiň penjäniň uly barmak simptomy, Anschutz's approach – Anşýutsyň diafragmanyň astyndaky giňişligiň sag ýarty bölegine geçelgesi.* Soňky mysalyň terjimesinde transkripsiýa, ekwiwalentli bermek we teswiri terjime usullarynyň utgaşdyrylmagynda adalganyň manysy türkmen dilinde jikme-jik anyklanyp beýan edilýär.

Baglaýjysyz ulanylýan jyns atdan ýasalan adalga *(hemoglobinuria)* transkripsiýanyň grammatik we leksik özgertme usullarynyň utgaşykly ulanylmagynda, şeýle hem anyklaýjy sözleriň goşulmagynda berilýär: *Acharo-Saint-Jiron hemoglobinuria – Aşaryň-Sen-Žironyň gös-göni däl gemoglobinuriýasy.* Iňlis dilindäki lukmançylyk eponimik adalgalaryň düzüminde has at baglaýjy goşulmaly, jyns at bolsa goşulmasyz ulanylanda anyklaýjy sözler goşulyp, transkripsiýa, grammatik we leksik özgertme usullary utgaşykly ulanylýar: *Becker's myopathy – Bekkeriň miopatiýa görnüşi, Bordet's method – Bordeniň üsgülewük plastinkalar usuly, Duncan's expulsion (separation) of afterbirth – Dunkanyň ýol-*

daşyň (eşeniň) bölünip çykma warianty. Bu mysallar türkmen dilinde berlende teswiri terjime usulyndan hem peýdalanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Iňlis diliniň lukmançylyk eponimik adalgalarynyň bir toparynyň terjimesinde anyk manyly adalgalaryň umumy düşünje bilen aňladylýan ýagdaýlary hem ýüze çykarylýar. Iňlis diliniň *Douglas' culdesac* lukmançylyk eponimik adalgasynyň düzümindäki jyns atdan bolan *culdesac* adalgasy *kör halta, ýapyk giňişlik* manysyndaky anatomik düşünjäni aňladýar. Türkmen diline terjimede ol *giňişlik* manysyndaky umumy düşünje bilen berilýär: *Duglasyň giňişligi.* Iňlis diliniň *Brindeau's method of colpopoiesis* adalgasyndaky anyklaşdyryjy *colpopoiesis* (*emeli ýatgynyň döredilmegi*) predlogly söz türkmen diline terjimede aýrylyp, umumy düşünje bilen berilýär: *Brendonyň usuly.* Şunuň bilen birlikde bu mysalda leksika-grammatik özgertmäniň ulanylýandygyny hem bellemek gerek. Türkmen dilinde adalgany ýönekeýleşdirmek maksady bilen bu usul köp sözden ybarat lukmançylyk eponimik adalgalaryň terjimesinde önümli ulanylýar. Delil hökmünde *the Montreal scale for assessing cognitive functions* adalgasynyň *Monreal şkalasy* görnüşinde, *Bayley's scale of infant development* adalgasynyň bolsa *Beýliniň şkalasy* görnüşinde berilýändigine salgylanyp bolar. Görnüşi ýaly, anyklaýjy *for assessing cognitive functions (aň ýetiriş funksiýasyny bahalandyrmak üçin)*, *of infant development (çaganyň ösüşiniň)* söz düzümleri terjimede aýrylyp, diňe umumy düşünjäni aňladýan adalga ulanylypdyr.

Leksik özgertme usullarynyň beýan edilen kadalarynyň berjaý edilmegi garalan adalgalaryň türkmen dilinde taýýarlanýan dürli ylmy, okuw çeşmelerinde takyk ulanylmagyna mümkinçilik berer.

Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 9-njy ýanwary.

Edebiýat

1. Алексеева И. С. Введение в переводоведение: Учебное пособие для студентов филологических и лингвистических факультетов высших учебных заведений. – СПб.-М.: Академия, 2004. – 352 с.

2. Бархударов Л. С. Язык и перевод: Вопросы общей и частной теории перевода. – М.: Lenand, 2021. – 240 с.

3. Гавриленко Н. Н. Теоретические и методические основы подготовки переводчиков научно-технических текстов. – М.: РУДН, 2004. – 268 с.

4. Гарбовский Н. К. Теория перевода. – М.: Изд-во Моск. ун-та, 2007. – 544 с.

5. Комиссаров В. Н. Современное переводоведение: учебное пособие. – М.: Изд-во «Р. Валент», 2017. – 408 с.

6. Комиссаров В. Н. Теория перевода (лингвистические аспекты): Учебн. для ин-тов и фак. иностр. яз. – М.: Высш. шк., 1990. – 256 с.

7. Нелюбин Л. Л. Толковый переводоведческий словарь. 10-е изд. стер. – М.: ФЛИНТА, 2023. – 320 с.

8. Петров В. И., Перепелкин А. И. Англо-русский медицинский словарь эпонимических терминов. – М.: Медицина, 2005. – 384 с.

9. Швейцер А. Д. Теория перевода: статус, проблемы, аспекты. – М.: Наука, 1988. – 216 с.

10. Bowman Laura H. The Challenge of Translating Eponyms in Medicine // Translation Studies Quarterly. – 2017. – №12 (1). – P. 45–58.

11. Choi Florence A. N. Translating Medical Eponyms // International Journal of Translation and Interpreting. – 2020. – №28 (2). – P. 94–105.

12. Fischer Eva. Cultural Aspects of Translating Medical Eponyms // Journal of Medical Translation. – 2016. – №8 (3). – P. 177–186.

HAKANY ŞIRWANY WE TÜRKMEN EDEBIÝATY

KHAKANI SHIRVANI AND TURKMEN LITERATURE

ХАГАНИ ШИРВАНИ И ТУРКМЕНСКАЯ ЛИТЕРАТУРА

TM

Tagandurdyýewa Gyzylgül, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň uly ylmy işgäri

ENG

Tagandurdyyeva Gyzylgul, senior researcher of Magtymguly Institute of Language, Literature and National Manuscripts of the Academy of Sciences of Turkmenistan

RU

Тагандурдыева Гызылгуль, старший научный сотрудник Института языка, литературы и национальных рукописей имени Махтумкули Академии наук Туркменистана

Annotasiýa

Makalada Döwletmämmet Azadydyr Magtymguly Pyragynyň edebi täsirlenmeleri hakynda söz açylanda XII asyrda ýaşap geçen Gündogaryň beýik söz ussady Afzaleddin Bedil Ybraýym ibn Aly Şirwanynyň döredijiliginiň şahyrlara ýetiren täsiri seljerilýär. Azady bilen Hakanynyň, Pyragy bilen Hakanynyň döredijiliginiň edebi-ruhy arabaglanyşygy barada anyk deliller arkaly pikir ýöredilýär. Şeýle hem Hakany Şirwanynyň döredijiliginiň türkmen edebiýatyndaky orny açylmaga synanyşylýar.

Annotation

The article analyzes the influence of Afzaleddin Bedil Ibrahim ibn Ali Shirvani, the great Eastern word master of the 12th century, who was among the first to be mentioned in the discussion on the literary impact on creativity of Dovletmammet Azadi and Magtymguly Pyragy. The viewpoint with accurate proof of the literary and spiritual connection between the creativity of Azadi and Khakani, Pyragy and Khakani is suggested. An attempt is also made to define the role of the creativity of Khakani Shirvani in Turkmen literature.

Аннотация

В статье анализируется влияние выдающегося мастера слова Востока XII века Афзаледдина Бедила Ибрагима ибн Али Ширвани на творчество Довлетмаммета Азади и Махтумкули Фраги. Хагани является одним из первых, чье имя упоминается в контексте литературного влияния на этих классиков. На основе конкретных фактов исследуется литературно-духовная взаимосвязь между творчеством Азади и Хагани, а также Фраги и Хагани. Кроме того, предпринята попытка определить роль и значение творческого наследия Хагани Ширвани в туркменской литературе.

Açar sözleri: Hakany Şirwany, Möwlana Rumy, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, edebi gatnaşyklar, türkmen edebiýaty.

Key words: Khakani Shirvani, Mevlana Rumi, Dovletmammet Azadi, Magtymguly Pyragy, literary relations, Turkmen literature.

Ключевые слова: Хагани Ширвани, Мевлана Руми, Довлетмаммет Азади, Махтумкули Фраги, литературные связи, туркменская литература.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Türkmen edebiýatynda çuňňur halk parasatlylygyny beýan edip, ajaýyp eserleri peşgeş beren ussatlar az däl. Men Magtymgulynyň, Andalybyň, Azadynyň, Keminäniň… öňünde baş egýärin» [1, 47 s.] diýip, beýik söz ussatlarynyň edebi mirasyny düýpli öwrenmegiň, halka ýetirmegiň we dünýä ýaýmagyň möhüm aýratynlyklaryny kesgitläp beryär.

Döwletmämmet Azadydyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligine Hakany Şirwany, Möwlana Jelaleddin Rumy ýaly özünden öň ýaşap geçen beýik söz ussatlarynyň täsiri meselesi ençeme asyr bäri alymlaryň ünsüni özüne çekip gelýär. Olaryň edebi täsirlenmeleri hakynda söz açylanda ilkinjileriň hatarynda ady agzalýan şahyrlaryň biri XII asyrda ýaşap geçen Gündogaryň beýik söz ussady Afzaleddin Bedil Ybraýym ibn Aly Şirwanydyr. Şahyr 1126-njy ýylda (käbir maglumatlarda 1120-1121-nji ýylda) Genjede dogulýar we 1199-njy ýylda Töwrizde aradan çykýar.

Edebiýat äleminde Hakany, Hakaýyky, Hassanul-ajam lakamlary bilen meşhur bolan şahyryň ýaşlyk ýyllary Möwlana Jelaleddin Rumynyň ruhy halypasy Hekim Senaýynyň «Hadykatul-hakaýyk» eseriniň meşhurlyga eýe bolan döwrüne gabat gelipdir. Senaýynyň eserlerinden täsirlenen şahyr ilkibaşda goşgularyny Hakaýyky lakamy bilen ýazyp başlapdyr. Muhammet Awfy «Hassanul-ajam hekim Hakany (Şirwany) Hakaýyky» diýip, Hakanyny üç lakamy bilen hem ýatlaýar. Ýene bir ýerde: «Hassanyň suhangöýligi bilen Sahbanyň[1] näzikligi bu şahyrda jemlenendi we Jüneýdiň[2] sapalylygy[3] bilen Lukmanyň hikmeti onda üýşüpdi. Ol beýan welaýatynyň hakany bolansoň, «Hakany» diýen lakama ýetdi. Ol Hassany[4] şahyryň sözleriniň kätibi bolansoň, «Hassanul-ajam» diýen ady alypdyr» diýip ýazýar [7, 224 s.]. Orta asyrlar awtory Döwletşa Samarkandy Hakany hakda: «Ylymda taýsyz, şygryýetde ussat» [8, 129 s.] diýen bolsa, Awfy: «Köp sanly alymlaryň aýtmaklaryna görä, söz şiwesi Hakanyda soňlanypdyr we ondan soň hiç kim beýan etmekde onuň ýaly şygyr nagşyny (halysyny) dokap bilmändir» [7, 225 s.] diýip, onuň döredijilik aýratynlygyna ünsi çekipdir.

Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda Azady bilen Hakanynyň döredijiligi aýratyn ylmy barlaga çekilip öwrenilmedik hem bolsa, alymlaryň işlerinde Hakanynyň eserleriniň Azadynyň döredijiligine täsiri barada agzalyp geçilýär. Aýratyn-da, Hakanynyň: «Her

[1] Sahban Wäil – VII asyrda ýaşap geçen, araplaryň arasynda suhangöýligi bilen tanalan dilewar wagyzçy.
[2] Abulkasym Jüneýt Bagdady – sopuçylykda meşhur jüneýdiýýe tarykatynyň düýbüni tutujy alym.
[3] Sapa – arassalyk, päklik.
[4] Hassany – Muhammet pygamberiň döwründe ýaşap geçen şahyrlaryň biri Hassan ibn Sabyt ibn Munzyr Hazreji Ensary.

bir terbiýeçiniň şahyr bolmagy hökman däl, emma her şahyryň terbiýeçi bolmagy welin hökman» [2, 7 s.] diýen garaýşynyň Azadynyň döredijiliginde yz goýandygy bellenilýär.

Azady bilen Hakanynyň döredijiliginiň edebi-ruhy arabaglanyşygyny, ilki bilen, olaryň Gurhanyň aýatlaryna, hadyslara ýüzlenmek usullary esasynda ýüze çykarmak bolýar. Hakanynyň:

Tä almak üçin ybrat, gelsin gapyňa hakan [9, 241 s.] –

diýen şygyr setiri bar. Hadysa yşarat edýän bu setiriň manysyna Hakany birnäçe ýerde düşündiriş beripdir. Azadynyň:

Uşbu sözdür ol pygamberden hadys,
Diňlegil janyň bile, bolma habys.

Patyşalaryň ezizi ol bolar,
Ylm eýesine zyýarata geler.

Ylm eýesinden ýamanrak ol bolar,
Patyşalara zyýarat getirer [3, 65 s.] –

diýen setirlerinden mälim bolşy ýaly, ol hem şol bir hadysa ýüzlenipdir we onuň many-mazmunyna düşündiriş beripdir. Azady Hakanynyň adyny agzamadyk hem bolsa, ýokardaky setirleriniň üsti bilen, birinjiden, onuň öňden gelýän ýörelgäni dowam etdirendigini, ikinjiden bolsa, hadyslaryň manysynyň halka düşnükli bolmagyny gazanmak ugrunda yhlas edendigini aýdyň edýär.

Azadynyň döredijiligindäki edebi täsiri onuň okan kitaplarynyň arasynda Hakanynyň pikir-garaýyşlary orun alan eserleriň bolandygy bilen hem baglanyşdyrmak mümkin. Mysal üçin, orta asyrlarda ýaşap geçen Hüseýin Käşifi Hakany Şirwanynyň edebi döredijiligine ýüzlenen awtorlaryň biridir. Ol «Muhsynyň ahlagy» atly kitabynda: «Hekim Hakany bu barada diýseň gowy belläp geçýär» [4, 95 s.] diýip, şahyryň:

Her bir ejiziň nalasy güýçlüdir peýkam zarbyndan,
«Gije bukusynda» zarlap, ok atan ejizlerden gork.

Süýji ukuda ýatyrkaň gark eder gözüniň sili,
Oýa bolup, gan-ýaş dökýän mazlumyň nalasyndan gork [4, 95 s.] –

diýen setirlerine ýüzlenipdir. Hüseýin Käşifiniň «Muhsynyň ahlagy» bilen Azadynyň «Wagzy-Azat» eseri umumy edebi-ahlak ýörelgelerinden ugur alýar.

Hakanynyň mesnewi görnüşinde ýazan, kyrk iki beýtden ybarat bolan «Medaýynnamasy» Gündogar edebiýatynda meşhur eserleriň biridir. Şahyryň haja barýarka ýolda Medaýynda Sasanylar döwründen galan taryhy harabalygy görüp, oňa bagyşlap ýazan kasydasy «Medaýynnama», «Medaýynyň harabalyklary», «Eýwany-Medaýyn» atlary bilen gabat gelýär. Hakany özüniň şygyr setirlerinde:

Eýwany[1] -Medaýyny[2] aýnaýy-ybrat[3] san [9, 239 s.] –

diýip, bu eserini «Eýwany-Medaýyn» ady bilen agzaýar. Medaýynyň orta asyrlar edebiýatynda orun almagyna sebäp bolan aýratynlyklaryň biri hem ol ýerde Anuşirwan adylyň jaýlanmagydyr. Şeýle wakany beýan edýän rowaýatlaryň biri Hüseýin Käşifiniň «Muhsynyň ahlagy» atly eserinde hem gabat gelýär. Rowaýata görä, «Alymlaryň biri Mamunyň mejlisinde adyl patyşalaryň jesetleriniň gabyrda pytramaýandygy, olaryň tenleriniň dargamaýandygy baradaky hadysy rowaýat edýär. Şonda Mamun: «Pygamberimiziň hadysynyň hakdygy barada şek-şübhe ýok. Emma men hakykatdan hem adalatlylygyň nyşany bolan hem-de pygamberligiň penasy Muhammet alaýhyssalamyň mübärek dili bilen: «Men adyl şanyň döwründe doguldym» diýen jümlesine mynasyp bolan Anuşirwany görmek isleýärin» diýip, Medaýyna tarap ýola rowana bolupdyr. Ol ýere baryp ýetende, onuň buýrugy bilen Anuşirwanyň guburyny açypdyrlar. Mamun ol ýere girip görse, ony täze jaýlanan we ukuda ýatan ýaly halda görýär. Onuň elinde gaşyna pent-nesihat ýazylan üç sany ýüzük bar eken. Birinjisinde «Dostlaryň we duşmanlaryň bilen oňşuk et», ikinjisinde «Akyldarlar bilen maslahatlaşman, hiç bir işe başlama», üçünjisinde bolsa «Raýatlaryň işlerinden gapyl galma» diýen ýazgylar bar eken. Ýene bir rowaýata görä, onuň başujunda bir tylla tagta asylgy duran eken. Ol tylla tagtada: «Her kim Hudaýdan özüniň mülküniň artmagyny islese, döwrüniň alymlaryny sylasyn, mertebelerini götersin. Her kim öz patyşalygynyň beýgelmegini islese, özüniň adyllyk sypatyny artdyrsyn» diýlip ýazylypdyr. Mamunyň buýrugyna görä, ol öwüt-nesihatlary göçüripdirler we tabyda atyr sepip, ony ýapypdyrlar» [4, 78 s.]. Medaýyn hakdaky rowaýatyň gysga mazmunyna Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde hem duşmak bolýar. Eserde Medaýynyň ady agzalmaýar. Ýöne kitapda «Adyllygyň pazylatynyň beýany» atly bölüm bolup, onda Anuşirwan bilen bagly ýokardaky waka beýan edilýär.

Uşbu pygamber sözüdir, diňleseň,
Jan gulagy birle many aňlasaň.

Bu sözi Mamun halypa diňleýip,
Gabry-Nowşirwany agtardy baryp.

Çün görüp bu söze tassyk eýlemiş,
Uşbu adylyň etin ýer iýmemiş [3, 61 s.] –

diýlip, pygamberiň hadysy we ony eşiden Mamunyň Anuşirwan adylyň guburyny görmek üçin ýola düşendigi hakyndaky waka gürrüň berilýär. Azady sözüni dowam edip:

Patyşa bolsaň ulus üzre bu dem,
Eýlegil her ýagşy ýarana kerem.

---

[1] Eýwan – köşk.

[2] Medine – şäher. Medaýyn – şol sözüň köplük sany (şäherler).

[3] Ybrat – 1) görelde, öwüt-nesihat; ybrat almak – görelde almak. Aýnaýy-ybrat – ybratyň, göreldäniň hut özi, aýnysy.

Çün kerem ähligе adyl dost bolar,
Duşmany bolsa etagata[1] geler.

Şöhraty artar ýene günden-güne,
Ýumni[2] -hümmet desti-juduna[3] gona.

Hem dahy nusrat[4] turar Perwerdigär,
Döwleti baky tutar onda karar [3, 61–62 s.] –

diýen setirlerde adalatlylygyň kuwwatyny ýaýýar. Soňra bolsa:

Alym-u derwüşlere ekram ede,
Hem towazyglar kylyp, engam ede.

Ger bularyň söhbetin etse kabul,
Söýgeý ony ol Huda birle Resul.

Bes, towazyg beglere derwüş gylyk,
Hoş gylykdyr jümle gula ýagşylyk [3, 62 s.] –

diýip, bu rowaýata ýüzlenmek bilen, öňde goýan maksadyndan gelip çykýan pikirini öňe sürýär.

Hakany Şirwanynyň edebi täsirini Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda hem görmek bolýar. Pyragynyň:

Okap bildim Sagdynyň men «Bossanny»,
Gör, ne ajap Hakanynyň «Mediany» [5, 69 s.] –

diýen setirleriniň üsti bilen onuň hem Hakanynyň ömri we döredijiligi hakdaky maglumatlardan habarlydygy mälim bolýar. Ýeri gelende bellesek, Hakany bilen Magtymguly Pyragynyň eserleriniň edebi-ruhy arabaglanyşygy babatdaky gözlegler olaryň döredijiliginiň arasyndaky ençeme ýakynlyklary ýüze çykarýar. Ilkinji nobatda, olaryň ikisi hem öz Watanyny, ýaşan tebigatyny, halkyny çyn ýürekden söýen, iline-gününe hyzmat etmek ideýasyny öňe süren şahyrlardyr. Hakany:

Watan hasratynda döküp gözýaşy,
«Ah, Watan!» diýerin men her söz başy.

Şamahy! Eý, meniň söýgüli ýurdum,
Men seniň goýnuňda hanyman[5] gurdum [9, 244 s.] –

[1] Etagat//itagat – boýun bolma, gulak asma, boýun sunma; itagat kylmak (eýlemek) – boýun egmek, boýun sunmak.
[2] Ýumn – bereket; bagt; ýagşylyk, rowaçlyk; ýumny-döwlet – şowlulyk, döwlet taýdan bagtlylyk.
[3] Jut – sahylyk, jomartlyk, eli açyklyk, berim; lütfi-jut – ýagşylyk-jomartlyk; desti-jut – sahylyk eli.
[4] Nusrat – 1) ýardam, kömek; 2) ýeňiş, üstünlik; desti-nusrat – kömek eli.
[5] Hanyman – öý, öý-öwzar, öý goşy, mal-mülk.

diýip, peýzaž lirikasy – ýurdunyň gözel tebigatynyň, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň täsinlikleriniň waspy arkaly watanperwerligi dabaralandyrypdyr. Hakany «Şirwanyň tarypy», «Sawalan dagynyň tarypy» ýaly goşgularynda:

Şirwan ki, bar[1] her jähetden kämilligiň enesidir,
Onuň her säher ýeli dertlerimiň dowasydyr,

Men Watana gurban olam, gurulmyşdyr düzgünlikle,
Bagdady hem dolandyran onuň bolluk gidasydyr,[2]

Şirwan ähli alyjenap ýaranmyşdyr başdan-aýak,
O ýer gözel tebigatly bir letapet[3] mäwasydyr[4] [9, 242 s.].

Ezizlikle geçer Şirwan topragynyň ruzugäri,
Söýgi-sapa gujagydyr, o magrypet çadyrlary [9, 143 s.] –

diýip, öz ýurdunyň täsin keşbini wasp edipdir. Watan waspy Magtymguly Pyragynyň hem beýik şygarydyr. Akyldar şahyr:

Iliňi eýlegil jahan serferaz,
Goluňda götergil daýym bähri baz,
Kyldygyň çoh işler barçasyn beýaz,
Iliňe bagş eýläp ötgül, Pyragy [6, 376 s.] –

diýip, edil Hakanynyň şygyrlarynda bolşy ýaly, Watan waspyny belende göteripdir, watansöýüjiligiň beýik nusgasyny ýadygär goýupdyr.

Magtymguly Pyragy bilen Hakanynyň diliň dürli çeperçilik serişdelerine ýüzlenmekdäki ýörelgelerinde hem meňzeşlik bar. Hakany Şirwanynyň:

Hakanynyň taby[5] tutmuş jylawyndan Jeýhunyň [9, 84 s.]

ýa-da:

Nepesi alawdyr, gözýaşy – Jeýhun [9, 84 s.] –

diýen setirlerine salgylanyp, ol türkmen topragyna syýahat edipdir ýa-da şahyr türkmen ýer-ýurt atlaryny meňzetme, deňeşdirme hökmünde ulanypdyr diýen netijä gelmek bolýar. Belki onuň Jeýhuna täze bir ýola düşmegiň, täze pikire eýermegiň metaforasy hökmünde ýüzlenen bolmagy hem mümkin. Bu ýagdaý Magtymguly Pyragynyň «Meni» atly goşgusyndaky:

Saraýymy[6] bada berip, girdim Jeýhun bahryna [5, 63 s.]

ýa-da «Derman, ýaranlar» atly goşgusyndaky:

---

[1] Bar – miwe, hasyl.
[2] Gida – iýmit.
[3] Letapet / letafet– 1) näziklik, gözellik; 2) tagamlylyk, süýjülik; mylaýymlyk; owadanlyk.
[4] Mäwa – mesgen, mekan, öý, gaçalga, öwzar, jaý; jennetil-mäwa – jennet mekany.
[5] Tap – karar, takat; güýç, kuwwat, gudrat.
[6] Saraý – öý, uly öý, köşk; saraýy-yşk – yşkyň köşgi, öýi.

Ezmaýyş[1] diýp kiştim Jeýhun salyp men [6, 86 s.] –

diýen setirlerinde hem ýüze çykýar.

Hakanynyň wagyz-nesihatlaryndaky esasy maksat adamyň ruhy kämilligini gazanmakdyr. Şonuň üçin ol şygyrlary, rowaýatdyr hekaýatlaryň gysga mazmunyny özünde jemleýän setirleri arkaly edep-terbiýe beriji öwüt-ündewleri öňe sürýär. Şahyr bu ýagdaýy:

Meniň kalbym mugallymdyr, dyzym üsti debistany...[2]
Dyzym mekdep degil ýalňyz, o Nuhuň kiştisi tymsal [9, 65 s.] –

diýip, özi hem äşgär edipdir. Şonuň üçin ol:

Ybratla bak, eý, köňlüm, bu äleme, gel, bir an [9, 239 s.]

ýa-da:

Hakany, bu dergähden[3] sen daýyma[4] ybrat al,
Tä almak üçin ybrat, gelsin gapyňa hakan [9, 241 s.] –

diýip, öz köňlüne, döwrüne, iline nesihat edipdir.

Magtymguly Pyragynyň ybrat almak baradaky garaýyşlarynda hem Hakany bilen pikirdeşligi ýüze çykýar. Bu pikirdeşlik şahyryň «Nazar eýle» atly goşgusyndaky:

Ten kapasna giriftar, gel, jana nazar eýle,
Bak, köňül gözgüsine, janana nazar eýle...
Ybrat gözüni açyp, jahana nazar eýle,
Iki gämi tutmagyn, bir ýana nazar eýle [6, 309 s.] –

diýen setirlerinde hem gabat gelýär. Magtymguly Pyragynyň Hakanynyň döredijiliginden täsirlenendigini alamatlandyrýan ideýa ýakynlygy olaryň adyllyk we zalymlyk, ýagşylyk hem-de ýamanlyk hakdaky pikirlerinde hem äşgär bolýar.

Ýeri gelende bellesek, Hakanynyň döredijiliginden arap-pars, grek, türki halklarynyň edebi-medeni gymmatlyklary, taryhy bilen bagly ençeme maglumatlary öwrenmek bolýar. Onuň döredijiliginde öz döwrüniň syýasy ýagdaýy, halkyň ruhy we maddy durmuşy öz beýanyny tapýar. Aýratyn-da, şahyryň döredijiliginde türkmen taryhy şahsyýetleri, ýer-ýurt atlary bilen bagly maglumatlar düýpli gözleg işlerini alyp barmagy talap edýär. Hakany gaznaly türkmenleriniň, seljuk türkmenleriniň Mahmyt Gaznaly, Mälikşa, Soltan Sanjar ýaly hökümdarlaryny wasp edipdir. Ol «Soltan Sanjaryň zyndana atylmagy we Muhammet ibn Ýahýanyň wepaty hakynda» [9, 233 s.], «Kyýaseddin Muhammet ibn Mälikşanyň tarypy» [9, 113 s.], «Reşideddin Watwata jogap» [9, 279 s.] diýen sözbaşyly beýan etmelerini türkmen taryhynda, edebiýatynda belli bolan şahsyýetlere bagyşlapdyr. Şahyr:

Horasan bir haram[5] bolsa, Mälikşadyr oňa Käbe [9, 126 s.] –

diýip, Horasany, ýagny Ymam Ryzanyň aramgähi bolan Maşady musulmanlaryň zyýarat edýän mukaddes ýeri diýip ýatlan bolsa, beýik seljuk türkmenleriniň meşhur höküm-

[1] Ezmaýyş – barlag, synag.
[2] Debistan – mekdep, başlangyç mekdep.
[3] Dergäh – 1) bosaga, işik, gapy; 2) köşk, köşgüň bosagasy.
[4] Daýyma – hemişe, mydam, elmydama.
[5] Haram – mukaddes ýer.

dary Mälikşanyň belent mertebesini musulman dünýäsiniň mukaddesligine deňäp wasp edipdir [9, 71 s.]. Hatda Hakany:

Mälikşa ot-suw atlandy, suw akdy, ataşy söndi,
Kül oldy, topraga döndi, mekan galdy Sifahany [9, 71 s.] –

diýen setirleriň üsti bilen soltan Mälikşanyň aradan çykandan soňra Yspyhana eltilip, ol ýerde depin edilendiginden hem habar beripdir.

Hakanynyň Soltan Sanjaryň huzuryna ýetmek üçin ýola düşendigi, ýöne ýetmänkä soltanyň ýesir düşendigi hakdaky habary eşidip yzyna dolanandygy barada hem maglumatlar bar. Hakany şeýle netijä gelinmegine esas bolan:

Abbasylar gapysyna gitmerin kömek üçin,
Seljuklylar gapysynda iňlemerin birje gün [9, 126 s.] –

diýen setirlerinde Seljuk türkmenleriniň nesilşalygynyň dagynyk döwrüni göz öňünde tutan bolmagy ähtimaldyr. Çünki Hakanynyň Soltan Sanjar hakdaky:

Sanjar düşdi zyndana, mähnet boldy zyndanban [9, 234 s.] –

diýen setirleri arkaly şol taryhy döwrüň wakasyny beýan edendir diýen netijä gelmek bolýar.

Ýokardaky maglumatlar, bir tarapdan, öz döredijiligine ruhy täsiri ýeten Hakany Şirwana türkmen edebiýatynyň görnükli şahyrlarynyň uly hormat goýandygyny mälim etse, ikinjiden, dowam edip gelýän edebi akymyň ýörelgelerine uýan söz ussatlaryny bir ýere jemleýär. Magtymguly Pyragynyň:

Şirwan galasydyr, ony kim bile [5, 505 s.] –

diýen şygyr setirlerine orun beren «Ýaýlahlary bar» goşgusyny azerbaýjan diýarynyň, ýurdunyň, tebigatynyň, halkynyň tarypyna bagyşlap ýazmagynda hem Hakany bilen baglanyşygyň bardygy gümansyzdyr. Netijede, Hakanynyň, Azadynyň we Pyragynyň döredijiligindäki edebi-ruhy arabaglanyşyga olaryň bir mekdebiň wekilidigini mälim edýän subutnama hökmünde baha bermek bolar.

Kabul edilen wagty: 2026-njy ýylyň 18-nji fewraly.

Edebiýat

1. Berdimuhamedow G. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008. – 360 s.
2. Bekmyradow A. Magtymgulynyň poeziýasynda däp we täzeçillik gözlegleri. – A.: Ylym, 1989. – 192 s.
3. Döwletmämmet Azady. Eserler ýygyndysy. – Bursa: Uludağ Üniversitesi Basımevi, 2012. – 392 s.
4. Hüseýin Käşifi. Muhsynyň ahlagy. – A.: Ylym, 2012. – 258 s.
5. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt. – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013. – 544 s.
6. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. II jilt. – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013. – 544 s.
7. Muhammet Awfy. Naýbaşy danalar (Lubabul-elbab). II jilt. – A.: Ylym, 2021. – 492 s.
8. Devletşah Samarkandı. Şair Tezkireleri. – Istanbul: Pınhan, 2011. – 688 s.
9. Hagani Şirwani. Seçilmiş äsärläri. – Bakı: Azərbaycan Elmlər Akadəmiyasy nəşriyyaty, 1956. – 592 s.

RUS DIL BILIMINDE TEMPORALLYGYŇ ÖWRENILIŞI

STUDYING TEMPORALITY IN RUSSIAN LINGUISTICS

ИЗУЧЕНИЕ ТЕМПОРАЛЬНОСТИ В РУССКОМ ЯЗЫКОЗНАНИИ

TM

Ataýewa Maýsa Amanbaýewna, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Rus edebiýaty kafedrasynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji

ENG

Atayeva Maysa Amanbayevna, acting head of the Department of Russian Literature of Dovletmammet Azadi Turkmen National Institute of World Languages

RU

Атаева Майса Аманбаевна, и. о. заведующего кафедрой русской литературы Туркменского национального института мировых языков имени Довлетммамета Азади

Annotasiýa

Ylmy makalada wagtyň dilde aňladylyşynyň dil biliminde irki döwürlerden bäri uly gyzyklanma döredip gelýändigi, wagt we giňişlik gatnaşyklaryna häsiýetli aýratynlyklary ýüze çykarmagyň bu ugurda ýerine ýetirilýän ylmy barlaglaryň usuly binýadyny esaslandyrmak üçin zerurdygy bellenip geçilýär. Ýörite ylmy edebiýatda «temporallyk» adalgasy bilen aňladylýan wagt anyk sözleýiş pursatyna, sözleýiş pursatynda ulanylýan dil serişdelerine – sözlere, gepleýän adamyň wagty kabul edişine we pikirlenişine bagly semantik kategoriýadyr diýip bellenilýär. Şunuň bilen birlikde, işde temporallygyň funksional-semantik meýdanynyň belli bir semantik

Annotation

The scientific article notes that expression of time in a language have been of great interest in linguistics since the ancient times, and identifying the characteristic features of the temporal and spatial relationships is necessary to establish a methodological basis for the scientific research conducted in this area. It is noted that in special scientific literature, time defined by the term “temporality” is a semantic category depending on the specific speech situations and linguistic means used in the speech situations – words, perception of time and thinking of the speaker. At the same time, the article indicates that to express the different types of a definite semantic category the functional and semantic field of temporality may

Аннотация

В научной статье отмечается, что языковое выражение категории времени вызывает большой интерес в лингвистике с давних времен. Подчеркивается, что выявление пространственно-временных отношений является необходимым условием для формирования методологической основы научных исследований, проводимых в данном направлении. В современной научной литературе отмечается, что семантическая категория темпоральности является категорией, зависящей от конкретного момента речи, используемых в нем языковых средств, а также от восприятия времени и мышления говорящего. Наряду с этим в работе показано, что функционально-семантическое поле темпо-

kategoriýanyň dürli görnüşlerini aňlatmak üçin bir ýa-da birnäçe diliň grammatik (morfologik, sintaktik), leksik hem-de utgaşykly serişdeler toplumyny öz içine alyp bilýändigi görkezilýär.

include a set of grammatical (morphological, syntactic), lexical and combined means of one or some languages.

ральности может включать в себя совокупность грамматических (морфологических, синтаксических), лексических и комбинированных средств одного или нескольких языков для выражения различных видов данной семантической категории.

Açar sözleri: dil bilimi, temporallyk, wagt, sözleýiş pursaty, funksional-semantik meýdan, dil serişdeleri, işlik şekilleri, leksema, semantika, temporallyk meýdanynyň periferiýasy, taksis.

Key words: linguistics, temporality, time, speech situation, functional and semantic field, linguistic means, verb forms, lexeme, semantics, periphery of the field of temporality, taxis.

Ключевые слова: языкознание, темпоральность, время, момент речи, функционально-семантическое поле, языковые средства, вид и время глагола, лексема, семантика, периферия, таксис.

Dil biliminde temporallygy aňlatmagyň ulgamlaýyn esaslary we häzirki zaman nazaryýetiniň möhüm meseleleri rus alymlarynyň işlerinde giňişleýin beýan edilýär. Temporallygyň gönüden-göni ýüze çykýan ulgamy hökmünde işligiň zaman grammatik kategoriýasy düýpli öwrenilýär, bu mesele boýunça birnäçe ylmy ugurlar kemala gelýär. Rus dilinde işligiň zaman grammatik kategoriýasynyň aýratynlyklary A. A. Potebnýanyň [19], W. W. Winogradowyň [8], W. W. Tihonowanyň [25], D. E. Rozentalyň [21], A. W. Bondarkonyň [3] we beýlekileriň işlerinde düýpli seljerilip, olaryň pikirleri häzirki döwürde ykrar edilen umumy nazary garaýşyň esasyny düzýär.

A. W. Bondarkonyň [4], G. A. Zolotowanyň [13], Ý. N. Prokopowiçiň [20] we beýleki alymlaryň işlerinde wagt aňladýan dil serişdeleriniň ulgamy, temporallygyň diliň dürli toparlarynda ýüze çykyşy içgin derňelýär. Rus dil biliminde temporallygyň funksional-semantik meýdany baradaky taglymat ilkinji bolup öňe sürülýär. M. W. Wsewolodowanyň [11], W. G. Gakyň [12] we beýlekileriň işlerinde temporallygy aňladýan aýry-aýry leksika-semantik toparlar derňelýär.

Bu meseleler boýunça rus dil biliminde ýerine ýetirilen ylmy barlaglaryň köpüsinde temporallygy aňlatmak üçin ulanylýan dil serişdeleri, şol sanda işlikler we leksik birlikler doly häsiýetlendirilýär. Wagt aňladýan leksik serişdeleri beýan etmäge uly üns berilýär.

Wagt aňladýan sözleriň aýry-aýry leksika-semantik toparlaryny semantik çemeleşme esasynda ylmy taýdan derňemek M. W. Wsewolodowanyň [11] we beýlekileriň işlerinde beýan edilýär. F. I. Pankow [16], I. A. Melçuk [15], I. N. Smirnow [24] we beýlekiler bolsa öz işlerinde wagt aňladýan hallary derňeýärler.

Isimleriň temporallyk aňladyşy M. W. Wsewolodowa [11], N. A. Potaýenko [18] we beýleki alymlar tarapyndan öwrenilýär. Olar öz garaýyşlaryny köp sanly dil materialyny seljermek bilen delillendirýärler.

Häzirki zaman rus dil biliminde temporallyk babatda öňe sürlen dürli garaýyşlary iki ugra bölmek bolar. Birinji ugur temporallyga grammatik kategoriýa hökmünde garaýar hem-de ony aňlatmagyň görnüşlerini we serişdelerini derňeýär (W. W. Winogradow [8], N. W. Persow [17]). Ikinji ugur temporallygy dil serişdeleri arkaly aňladylýan ekstralingwistik kategoriýa hökmünde häsiýetlendirýär (A. W. Bondarko [6], N. N. Boldyrew [1]).

Häzirki zaman ylmy barlaglaryň köpüsinde temporallyk kategoriýasy dil bilen aňyň özara täsirleşmeginiň, sözleýiş bilen pikirlenmäniň sazlaşykly utgaşmagynyň netijesi hökmünde häsiýetlendirilip, pikir bilen dil serişdesiniň berk utgaşýandygy, many we galyp bitewüligi, ýagny şekili mazmundan aýryp bolmaýandygy ýüze çykarylýar (A. W. Rohlin [22], Ý. A. Lobina [14]).

Rus dilini daşary ýurt dili hökmünde okatmagyň usulyýetini yzygiderli kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetiren ylmy barlaglary, bu ugurda toplan baý iş tejribesi M. W. Wsewolodowa wagt aňladýan serişdeleri nazary hem-de amaly taýdan içgin derňemäge, esaslandyrylan teklipleri hödürlemäge mümkinçilik berýär. Onuň işlerinde wagt aňladýan dil serişdeleri funksional-semantik meýdan nukdaýnazaryndan derňelýär. Şunuň bilen birlikde, M. W. Wsewolodowa wagt aňladýan dil serişdeleriniň toparlamasyny (klassifikasiýasyny) işläp taýýarlaýar [9].

R. A. Semergeý [23] wagt aňladýan leksik serişdeleriň çägini daraldýar. Şeýle serişdeler hökmünde diňe wagt aňladýan hallary we perifrastik görnüşli durnukly söz düzümlerini derňeýär. Ol M. W. Wsewolodowanyň: «...temporal hallar wagty aňlatmagyň leksik serişdelerine degişli bolup, olaryň her biriniň manysy leksemasy bilen aňladylýandyr. Leksika-grammatik serişdelerde olaryň manysy sözüň şekilinde ýüze çykýar, ýagny ol grammatik manydyr» [11, 11 s.] diýen garaýşyndan ugur alyp, leksik serişdeleri leksika-grammatik serişdelerden anyk tapawutlandyrýar.

Ýokarda garalyp geçilen işlerde temporallygy aňladýan leksik serişdeleri seçip almakda semantik görkeziji, ýagny birliklerde wagt many öwüşgininiň bolmagy esas edilip alynýar.

Rus dilinde temporallygy derňemek boýunça ýerine ýetirilen ylmy işleriň aglaba bölegi A. W. Bondarkonyň teklip eden nazary pikirlerine esaslanýar. A. W. Bondarko temporallygy aňladýan dil serişdelerini ulgamlaýyn öwrenmek baradaky pikiri öňe sürýär. Ol temporallygy «...gepleýän adamyň sözleýän pursatyna baglylykda aňladylýan ýagdaýlaryň we olaryň elementleriniň wagtynyň adam tarapyndan kabul edilişini hem-de olara aň ýetirilişini şöhlelendirýän semantik kategoriýa...» [7, 5 s.] hökmünde kesgitleýär. Şunuň bilen birlikde, alym temporallygyň diliň grammatik (morfologik we sintaktik), leksik, şeýle hem utgaşykly (leksika-grammatik, grammatik-kontekstual) serişdelerini öz içine alýan funksional-semantik meýdandygyny esaslandyrýar. Ol temporallygyň funksional-semantik meýdanyny «...semantik hyzmatlarynyň umumylygy we özara täsirleşmegi esasynda birleşen dürli dil serişdeleriniň ulgamy» hökmünde kesgitleýär [6, 21 s.].

Funksional-semantik meýdany ulgamlaşdyrmak üçin ony düzýän hem-de diliň gurluşynda ýüze çykýan hyzmatlaryň we manylaryň, esasy düşünjeleriň tapawutlandyryl-

magy möhüm ähmiýete eýedir. Bu wezipäni ýerine ýetirmekde funksional-semantik meýdany düzýän elementleriň ýerine ýetirýän hyzmaty we manysy bir bolsa-da, olar dürli häsiýeti ýüze çykarýarlar. Funksional-semantik meýdanyň düzümindäki elementler dürli häsiýetli bolýar, ýöne olar umumy semantik alamata eýe bolýandygy sebäpli özara ylalaşýarlar [6; 7].

A. W. Bondarkonyň işläp taýýarlan funksional-semantik meýdan nazaryýeti temporallygy aňlatmagyň ulgam hökmünde derňelmegine hem-de oňa mahsus köp sanly aýratynlyklary ýüze çykarmaga giň mümkinçilik döredýär. Alym bu nazaryýetiň çäginde temporallyga degişli möhüm düşünjeleriň birnäçesini anyk beýan edýär: *temporal ýagdaý, wagt deýktik merkezi, absolýut wagt, otnositel wagt, taksis, aspektual-temporal gatnaşyklar, temporallyk meýdanynyň grammatik merkezi, temporallyk meýdanynyň periferiýasy* we beýlekiler.

Temporal ýagdaý dürli görnüşde ýüze çykýan mazmunyň umumylaşdyrylan görnüşi bolup, ol dürli serişdeler arkaly aňladylýar. Bu ýagdaý temporallyk kategoriýasyna esaslanyp, dildäki funksional-semantik meýdany hasyl edýär, şeýle hem temporal alamatlary özünde jemleýär [7].

Wagt deýktik merkezi sözleýişde wagt aňlatmagyň merkezi hökmünde dil ulgamynda kemala gelen sözleýiş pursatydyr. Ol ilkinji nobatda işligiň zaman şekillerinde aňladylýar. Zaman şekilleri wagt deýktik merkeziniň üç görnüşine – öten, häzirki we geljek zaman görnüşlerine ugrukmaga esaslanýar. Işligiň zaman şekiliniň her birinde deýktik merkeze bolan gatnaşyk ýüze çykýar. Wagt deýktik merkeziniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar: 1) hakyky (dil ulgamyndan daşarky) wagt deýktik merkezi; 2) ulgamlaýyn – dil wagt deýktik merkezi. Deýktik merkeziň bu iki görnüşi biri-biriniň bolmagyny şertlendirýär [7].

Absolýut wagt sözleýiş pursatynyň wagt deýktik merkeziniň hyzmatynda ulanylmagy arkaly aňladylýar. Otnositel wagt deýktik merkez hökmünde başga bir pursatyň ulanylmagynda aňladylýar. Absolýut wagtda esasy görkeziji (wagta ugrukmak) gepleýän (ýa-da ýazýan) adamyň – subýektiň sözleýiş pursatydyr. Otnositel wagt dil serişdeleri (işlikler, *şol gün* we ş.m. ahwalatlar) arkaly aňladylyp bilinýär. Şunuň bilen birlikde, absolýut we otnositel wagtlaryň biri-birinden tapawutlanýandygyna garamazdan, olar kesişip, ýagny belli bir halatda wagtyň bu iki görnüşinden hem ugur almak ýüze çykyp biler [7].

Taksis adalgasyny R. Ýakobson ylmy dolanyşyga girizýär we ony «...habar berilýän maglumaty beýleki bir maglumata gatnaşykda häsiýetlendirýän...» düşünje hökmünde kesgitleýär [26, 221–500 s.]. A. W. Bondarko *taksis* adalgasyna sözleýişde toplum hökmündäki düzüm bölekleriniň ähliniň manysyny öz içine alýan bitewi wagt döwüniň çäklerinde hereketleriň arasyndaky wagt gatnaşyklary görnüşinde kesgitleme berýär [6, 70–98 s.; 2, 27–34 s.].

Temporallyk meýdanynyň grammatik merkezi diýlip işligiň zaman grammatik kategoriýasyna düşünilýär. Bu merkez üçin wagt aňladýan many öwüşginleriniň aňryçäk derejede jemlenmegi; dil serişdeleriniň wagt aňlatmak hyzmatynda iň ýokary derejede

ýöriteleşmegi; wagt manyly merkeziň birliklerіniň arasyndaky baglanyşygyň has jebis bolmagy; merkeziň elementleriniň wagty yzygiderli (hemişelik) aňlatmagy [7, 39–43 s.] ýaly alamatlaryň mahsusdygy subut edilýär.

Temporallyk meýdanynyň periferiýasy diýlip temporallygyň merkeziniň daşynda jemlenýän we wagt aňlatmak ulgamyna düzüm bölegi hökmünde degişli bolýan dil serişdeleriniň toplumyna aýdylýar. A. W. Bondarko temporallyk periferiýasynyň iki görnüşini belleýär: ýakyn periferiýa, daş periferiýa. Ýakyn periferiýa şular degişlidir: 1) ortak işligiň gaýdym derejesiniň analitik şekilleri *(был рассмотрен – рассмотрен – будет рассмотрен);* 2) öten we häzirki zaman ortak işliginiň doly şekilleri *(рассматривавший – рассмотревший – рассмотренный, рассматривающий – рассматриваемый);* 3) dowam edýän hereketi aňladýan işlik şekilleri *(говаривал, едал, нашивал, певал, хаживал);* 4) işliksiz häzirki zaman manysyny aňladýan sintaktik gurluşlar *(брат – учитель, мать – в саду, ночь тиха, утро свежее)* [7, 44–48 s.].

Daş periferiýa barada aýtmak bilen, alymlar onuň ýakyn periferiýa bilen araçäginiň takyk däldigini we üýtgäp duryandygyny belläp geçýärler. Muňa garamazdan, semantik hyzmatlaryň temporal ähmiýetiniň çäklendirilmegi daş periferiýa degişli dil serişdelerini tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. A. W. Bondarko şeýle çemeleşmäniň esasynda temporal many aňladýan daş periferiýa degişli dil serişdeleriniň birnäçesini tapawutlandyrmagy teklip edýär: 1. Gutarnykly hereketi aňladýan görnüşdäki we gutarnykly däl hereketi aňladýan görnüşdäki hal işlik şekilleri degişli sintaktik gurluşlarda ikinji derejeli temporallygy aňladyp, esasy temporallygyň amala aşyrylýan wagtynyň anyklanmagyny şertlendirýär. Mysal üçin: *Попав* к нам, он *увидел / увидит*. 2. Geljek zamana degişli modal manyly sintaktik gurluşlaryň birnäçe görnüşi tapawutlandyrylýar: a) işligiň buýruk şekilindäki sözler kontekste we sözleýiş ýagdaýyna baglylykda temporal manyny anyklaşdyrýar. Mysal üçin: Иван Иванович, *уберите* книгу / …*говорят* тебе, *убирай* книгу. *Приходи* через час / *приходи* завтра; b) modallygy aňladýan geljek zamana degişli garaşsyz infinitiwli söz öwrümleri. Mysal üçin: Мне *надо покинуть* площадку! *Прилечь бы. Скоро* тебе *ехать*. *На кого писать* расписку. *Как жить,* не ошибаясь; ç) geljek ýa-da häzirki-geljek zamana degişli garaşsyz infinitiw düzüminde bolan söz öwrümleri. Mysal üçin: *Летом я должен ехать* в экспедицию / Мне не очень *хочется ехать летом* в экспедицию. 3. Temporal gatnaşyklaryň leksik ahwalat anyklaýjylary. Mysal üçin: *Завтра* приеду. *В эту минуту* я думаю. 4. Wagt aňladýan baglaýjyly söz öwrümleri, olarda temporal hyzmat baglaýjylaryň leksik anyklaýjylar bilen bilelikde ulanylmagynda aňladylýar. Mysal üçin: *Как идти,* если *завтра* будет ураган. 5. Temporal gatnaşyklary aňlatmagyň kontekstual serişdeleri. Olar örän köp dürli bolup, öten, häzirki, geljek zamana degişli temporallyk öwüşginleriniň giň toplumyny aňladyp bilýärler.

A. W. Bondarkonyň temporallyk meýdany baradaky garaýyşlary rus diline mahsus aýratynlyklary bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykarýar. Alym beýan edilen derňewiň esasynda funksional-semantik temporallyk meýdanynyň diller üçin umumy alamatlaryny

esaslandyryp görkezmäge çalyşýar. Ol temporallygyň merkezini, periferiýasyny, onda-da ýakyn we daş periferiýalaryny tapawutlandyrmagyň zerurdygyny ýüze çykarýar [7].

Şeýlelikde, temporallygyň dil biliminiň obýektine öwrülendigi, dürli temporallyk dil kategoriýalarynyň döredilendigi, temporallyk hadysasynyň dilleriň ählisine, dil biliminiň leksikologiýa, söz ýasalyş, morfologiýa we sintaksis bölümlerine mahsusdygy subut edilýär.

Soňky ýyllarda funksional-semantik meýdan nazaryýetiniň umumy we hususy meseleleri boýunça ýerine ýetirilen işler örän köp bolup, ol dil biliminde funksional-semantik meýdan nazaryýetiniň öwrenilmegine wajyp mesele hökmünde garalýandygyna şaýatlyk edýär. Bu ýagdaý öwrenilýän nazaryýetiň häzirki zaman dil biliminde diliň semantik tarapyna aýratyn üns berýän ugurlaryň çäginde ösdürilýändiginden habar berýär. Semantika bolan gyzyklanmanyň barha artmagy funksional-semantik meýdan nazaryýetini dil ylmynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryna goşdy. Funksional-semantik meýdan nazaryýetiniň ulanylýan çäginiň giňdigini, has dogrusy, onuň dil biliminiň bölümleriniň ählisi üçin hem derwaýys ähmiýete eýedigini bellemek gerek. Şu sebäpden hem, funksional-semantik meýdan nazaryýeti geljegi uly ylmy ugur bolup, ol ylmy nazaryýetden edilýän ähli talaplary ödeýär hem-de dil biliminiň häzirki zaman ösüş ugurlaryna laýyk gelýär.

Ýokarda seljerilip geçilen garaýyşlar temporallyk meýdanyny özara täsirleşýän, manysy we hyzmaty boýunça birleşýän dil elementleriniň çylşyrymly toplumy hökmünde häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär. Temporallyk meýdanynyň gurluşy sözleýşe däl-de, ulgam görnüşindäki dile bagly bolýar, ýöne ol diňe sözleýişde ýüze çykýar. Şeýle nazary esaslar temporallyk kategoriýasyny has anyk we doly derňemegiň nazary binýadyny emele getirýär.

Funksional-semantik meýdan nazaryýetiniň häzirki zaman ýagdaýy ol baradaky garaýyşlaryň dil biliminiň ähli bölümlerine diýen ýaly giňden aralaşmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu nazaryýet leksikologiýa we grammatika bölümlerinde köp sanly derňewleriň geçirilmegi bilen hemmetaraplaýyn delillendirilýär.

Rus dil biliminde temporallygyň funksional-semantik meýdany baradaky taglymat ilkinji bolup öňe sürülýär. Temporallygy aňladýan aýry-aýry leksika-semantik toparlary derňemegi maksat edinýän semantik çemeleşme köp alymlaryň işlerinde gabat gelýär.

Kabul edilen wagty: 2024-nji ýylyň 6-njy apreli.

Edebiýat

1. Болдырев Н. Н. Категориальное значение глагола. Монография. – СПб.: РГПУ, 1994. – 172 с.

2. Бондарко А. В. Система глагольных времен в современном русском языке // Вопросы языкознания. – 1962. – №3. – С. 27–34.

3. Бондарко А. В. Вид и время русского глагола (значение и употребление). – М.: Просвещение, 1971. – 240 с.

4. Бондарко А. В. Грамматическая категория и контекст. – Л.: Наука, 1971. – 116 с.

5. Бондарко А. В. Принципы функциональной грамматики и вопросы аспектологии. – Л.: Наука, 1983. – 208 с.

6. Бондарко А. В. Функциональная грамматика. – Л.: Наука, 1984. – 208 с.

7. Бондарко А. В. Теория функциональной грамматики: Темпоральность. Модальность. – Л.: Наука, 1990. – 264 с.

8. Виноградов В. В. Русский язык (грамматическое учение о слове). – М.: Высшая школа, 1986. – 640 с.

9. Всеволодова М. В. Способы выражения временных отношений в современном русском языке. – М.: МГУ, 1975. – 283 с.

10. Всеволодова М. В. О семантическом согласовании глаголов и именных темпоральных распространителей // Вопросы языкознания. – 1979. – №4. – С. 11–21.

11. Всеволодова М. В. Категория именной темпоральности и закономерности ее речевой реализации: автореф. дис. д-ра филол. наук. – М.: МГУ, 1982. – 48 с.

12. Гак В. Г. Пространство времени. Логический анализ языка. Язык и время. – М.: Индрик, 1997. – 352 с.

13. Золотова Г. А. Категории времени и вида с точки зрения текста. Текст // Вопросы языкознания. – 2002. – №3. – С. 3–29.

14. Лобина Ю. А. Взаимодействие семантической и понятийной локальности в репрезентативном аспекте. Текст (на материале русского и английского языков): автореф. дис. канд. филол. наук. – Ульяновск: УлГУ, 2002. – 24 с.

15. Мельчук И. А. Русский язык в модели «Смысл-Текст». – М.: Школа «Языки русской культуры», 1995. – 684 с.

16. Панков Ф. И. Наречная темпоральность и ее речевые реализации: автореф. дис. канд. филол. наук. – М.: МГУ, 1996. – 24 с.

17. Перцов Н. В. К проблеме инварианта грамматического значения // Вопросы языкознания. – 1998. – №1. – С. 3–25.

18. Потаенко Н. А. Логический анализ языка. Язык и время. – М.: Индрик, 1997. – 352 с.

19. Потебня А. А. Мысль и язык. – М.: Лабиринт, 1999. – 300 с.

20. Прокопович Е. Н. Глагол в предложении. Семантика стилистических предикативных категорий. – М.: Наука, 1982. – 288 с.

21. Розенталь Д. Э. Практическая стилистика русского языка. – М.: Высшая школа, 1977. – 316 с.

22. Рохлин А. В. Морфотемный анализ категории акциональности в разносистемных языках. Текст (на материале русских и английских глаголов): автореф. дис. канд. филол. наук. – Ульяновск: УлГУ, 2002. – 20 с.

23. Семергей Р. А. Лексические показатели времени в современном русском языке: автореф. дис. канд. филол. наук. – Ташкент: ТГУ, 1983. – 24 с.

24. Смирнов И. Н. Ситуации временной нелокализованности действия и семантика интервала. – Спб.: Наука, 2000. – 176 с.

25. Тихонова В. В. Актуализация темпоральных отношений в событийной ситуации: автореф. дис. канд. филол. наук. – Барнаул: АлтГУ, 2002. – 20 с.

26. Якобсон Р. Формализм. Антология русского модернизма. Т. 3. – М.: Кабинетный ученый, 2016. – 1064 с.

PECULIARITIES OF USING THE ENGLISH PREPOSITION *TO* IN THE JOURNALISTIC STYLE

IŇLIS DILINIŇ *TO* SÖZÖŇÜSINIŇ PUBLISISTIK STILDE ULANYLYŞ AÝRATYNLYGY

ОСОБЕННОСТИ ФУНКЦИОНИРОВАНИЯ АНГЛИЙСКОГО ПРЕДЛОГА *TO* В ПУБЛИЦИСТИЧЕСКОМ СТИЛЕ

TM

Gabitow Azat Irekowiç,
Gabitowa Liliýa Habirowna,
Kazan federal uniwersitetiniň uly mugallymlary
(Russiýa Federasiýasy)

ENG

Gabitov Azat Irekovich,
Gabitova Liliya Habirovna,
senior lecturers of Kazan Federal University
(the Russian Federation)

RU

Габитов Азат Ирекович,
Габитова Лилия Хабировна,
старшие преподаватели Казанского Федерального университета
(Российская Федерация)

Annotasiýa

Makalada iňlis diliniň *to* sözöňüsiniň publisistik tekstlerdäki ulanylyş aýratynlyklary seljerilýär. Bu işiň ähmiýeti sözöňüleriň ulanylyş geriminiň giňelişini, täzeçe ulanylyşyny we abstrakt many aňlatmak hyzmatynyň güýçlenişini seljerýändiginden ybaratdyr. Onda BBC.com we NBC.com habar beriş serişdeleriniň tekstlerinde *to* sözöňüsiniň hereketi aňlatmak üçin ulanylýandygy kesgitlenýär. Şeýle-de *to* sözöňüsiniň esasy many aňlatmak hyzmatynyň hereketiň gönükdirilen ugruny we tarapyny görkezmekden ybaratdygy, hereketiň belli bir predmete

Annotation

The article analyzes peculiarities of using the English preposition *to* in the journalistic texts. The relevance of this work lies in the fact that it analyzes the expansion of the scope of using prepositions, their innovative use and strengthening of their function of expressing abstract meaning. It is determined that the preposition *to* is used to express action in the texts of the media BBC.com and NBC.com. It is also noted that the main function of the preposition *to* in expressing the meaning is to indicate the direction and aspect of the action, and that the action is directed at a specific object or

Аннотация

В статье анализируются особенности употребления английского предлога *to* в публицистических текстах. Актуальность работы обусловлена расширением сфер употребления предлогов, их переносом в новые контексты и усилением абстрактных значений. Материалом исследования послужили тексты интернет-изданий BBC.com и NBC.com, на основе которых проводился отбор контекстов, иллюстрирующих употребление предлога *to* в значении направления движения. Отмечается также, что основная семантическая функция предлога *to* заключается в указании на ориентир движения и направленность действия на конкретный предмет или абстрактное понятие. В статье

ýa-da abstrakt düşünjä gönükdirilýändigi bellenilýär. Makalada publisistik tekstlerde ugry we hereketi aňlatmagyň serişdesi hökmünde *to* sözöňüsiniň hyzmaty doly beýan edilýär.

abstract concept. The article fully describes the function of the preposition *to* as a means of expressing direction and action in the journalistic texts.

подробно описывается роль английского предлога *to* как средства выражения направления и движения в публицистическом дискурсе.

Açar sözleri: iňlis sözöňüleri, hereketi aňladýan sözöňüler, publisistik tekst, semantika, iňlis dili.

Key words: English prepositions, prepositions of motion, journalistic text, semantics, English language.

Ключевые слова: английские предлоги, предлоги движения, публицистический дискурс, семантика, английский язык.

This article presents the results of a study dedicated to identifying the semantic and functional features of the preposition *to* in English in the context of journalistic texts as a preposition of movement. Modern English is experiencing new, more abstract uses of prepositions, the transfer of prepositions, and the emergence of new contexts as the language's vocabulary is enriched with new words. Therefore, the relevance of this study stems from the need to examine changes in the functioning of prepositions, particularly the preposition *to*, in English, as part of modern linguistic processes.

The semantics of the preposition *to* are complicated by the local and temporal meanings within which the meaning of motion can be conveyed [3, p. 56]. The concept of prepositions, including those indicating motion, has been part of English grammar for centuries. The first mentions of prepositions of motion in English grammar textbooks appeared in early English grammar textbooks. The first English grammar textbooks began to appear in the 16th and 17th centuries, when scholars began to formalize the rules of the English language. "Pamphlet for Grammar" by W. Bullockar (1586) is one of the earliest attempts to describe English grammar, although it does not explicitly focus on prepositions of motion. Another textbook of the time, "English Grammar" (1640) by B. Johnson, is one of the first comprehensive books on English grammar. It discusses prepositions, but does not classify them by the presence of motion. Lindley Murray's "English Grammar" (1795) classified prepositions and their functions, including motion. By the 19th century, grammar textbooks began to explicitly classify prepositions by their functions, including motion. Finally, modern sources should be mentioned. In the 20th and 21st centuries, prepositions of motion have become a standard part of English grammar instruction. Modern textbooks and reference books, such as "A Comprehensive Grammar of the English Language" by Quirk et al. (1985), contain detailed classifications of prepositions, including those related to motion.

Prepositions are words that express relationships in space and time, as well as other, more abstract relationships: cause, purpose, possession, exclusion, and many others. Prepositions are difficult to use correctly: a small number of words cover a very wide range of concrete and abstract meanings, and the distinctions between them are not always very clear or systematic. Furthermore, the use of a particular preposition in one language does not always correspond to the use of its equivalent in another language to express a specific meaning. Their correct use is primarily a matter of vocabulary rather than grammar. Most prepositions have multiple uses and meanings [1, p. 241]. In general, prepositions can be divided into eight categories: time, place, direction or movement, agency, instrument or device, cause or purpose, connection, and origin. Prepositions of direction or motion describe how, where, or in what manner something moves. Prepositions that mean direction or movement include: to, from, over, under, along, around, across, through, into, out of, toward(s), away from, onto, off, up, down [2, p. 386].

In this study we are using the terminology introduced by the American linguist R. Langacker namely, trajector (tr), landmark (lm), and path (path) – to describe the semantic functioning of prepositions in a sentence. A positioned and/or moving object is called a trajectory, and the object that serves as the starting point of movement is called a landmark. Thus, the spatial location of a trajectory is defined in conjunction with the landmark as its starting point. The route or distance traveled by the trajectory is called the path [4, p. 232].

The Cambridge English Dictionary defines the preposition *to* as follows: in the direction of; used to show who receives something or who experiences an action. The Collins Dictionary has a similar definition: until a particular time, state, or level is reached; used to indicate the destination of the subject or object of an action (e.g., he climbed to the top). Dictionary definitions generally suggest that the preposition refers to movement toward a landmark; the initial point of departure is not specified. Synonyms for the preposition *to* include: until, toward(s), into, onto. For our research, we used the Western media websites BBC.com and NBC.com, which we searched for the preposition *to* in the context of movement. The English preposition *to* is used to denote movement, an action, or a state that involves moving toward a landmark, which could be a person, object, or place, including abstract concepts: Pop star Charli XCX has revealed how her parents drove her to raves where she was performing, at the age of just 15 [BBC.com]; Dominic Cummings has said that he drove to Barnard Castle to test his ability to drive back to London [BBC.com]; Alexander Morris, 53, who is Black and joined the iconic vocal quartet in 2018, went to Ascension Macomb-Oakland Hospital in Warren on April 7 [NBC.com]; Jack went to the market [BBC.com].

In the examples presented below, we can see the transmission of the meaning of the direction of movement without the nature of the movement: Storm Bert brings wind and rain to the South West [BBC.com]; This will result in cooler temperatures, a cold rain from the Ohio Valley to the East Coast [NBC.com].

The preposition *to*, in addition to indicating direction, has the meaning of the ultimate meaning of a landmark in cases where the perfect degree of comparison of adjectives appears (for example, the furthest) or a noun endowed with similar semantics (for example, the extend, the end): More Rohingya who had volunteered to move to the island were being transferred to the nearest port city of Chittagong from the camps, he added [NBC.com]; The group, founded on the remote Dengie Peninsula off the Essex coast in the 1940s, said it could not afford to pay £100,000 to get connected to the nearest electricity grid [BBC.com].

A landmark can be a word with an abstract meaning: A volunteer mountain rescue team came to their aid after their tent began letting in rain [BBC.com].

